# Eglenmez

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Eglenmez EGLENMEZ



Gapyl adam, jahandan gelen öter, eglenmez,
Ne ýatyp sen gaflatda, oýan, öter, eglenmez,
Azyk, ýaragyñ şaýla, kerwen öter, eglenmez,

Giderler barça ýagşy, ýaman öter, eglenmez,
Jahan içre mahlukat ýegsan öter, eglenmez.
Eý bende, hezer eýle ol ruzy-kyýamatdan,
Tabyg bolma şeýtana, oýan haby-gaflatdan,
Ryýazytga boýun goý, kem bolmaz ybadatdan,
Hak emrine dogry dur, gaçgyn käri bedgatdan,
Çek eliñi haramdan, ýygşyr diliñ gybatdan,
Haýra bagka sytkyñy, daş bol ýaman niýetden,
Haýyr işe saý gitmek bolar, biliñ, tagatdan,
Dünýä özüñ myhman bil, myhman öter, eglenmez.

Her kimge wepa bermez, bu dünýä biwepadyr,
Şerminde şermisardyr, rusyýa majeradyr,
Ýük ýazdyryp, çäşt edip, gelen geçip baradyr,
Gadymdan gelen ugurdyr, bir köne güzergähdir,
Bu ýalançy bäş gündür, döwran öter, eglenmez.

Allanyñ söwer dosty pygamberler ötendir,
Niçeler ýer astynd guma dönüp ýatandyr,
Bu bir binasyz jaýdyr, bir ýararsyz watandyr,
Eý gapyl siz, adamzat, dünýäni kim tutandyr,
Köplerini ol ýene alar, handan öter, eglenmez.

Suw sine şerap içip, höregne gant iýenler,
Günde ýüz reñkli puşeş, kamras mawut geýenler,
Ýorga münüp, gürlükde syrtyn gyşyk goýanlar,
Ahyr turaba döner dünýä meniñ diýenler,
Külli janawar, haýwan, ynsan, öter, eglenmez.

Köñlünde zowky-dünýä, serinde müñ hyýaldyr,
Bir gün taýar aýagyñ, basan ýeriñ ahmaldyr,
Jaýyñ derýa ýüzünde, ömrüñ gezer bir saldyr,
Durmaz ruzy-şep, Aý-Gün, bu bir saña tymsaldyr,
Ýyl dolanar, wagt geçer, zaman öter, eglenmez.

Ýokdan seni bar etmiş synamak üçin Hudaý,
Terbiýet bilen goýmuş jahan içre jaýba-jaý,
Owwaly şady-horram, ahyr soñy bolar waý,

Dilenjidir munda pir, mürit, derwüşu-gedaý,
Hoja, seýit, garyp, baý, soltan öter, eglenmez.

Eý Zelili, bu sözler, bil nesihatdyr saña,
Diýme: "Özüm biler men, öwüt hajat däl maña",
Bir köşede jaý tutun, başyñy salma jeñe,
Bu peýdasyz usýandan çek özüñi bir ýana,
Köp utmuşdyr, ol ýene çendan utar, eglenmez.

Gurbandurdy ZELILI. Goşgular